**Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem şäheriň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Daşoguz şäheriniň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2024-nji ýylyň 10-njy okýabrynda Daşoguz şäheriniň Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy köçesiniň 1-nji “A” jaýynda ýerleşýän Daşoguz welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirliginiň edara binasynda 09:00-dan 13:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:
Daşoguz şäheriniň Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy köçesiniň 1-nji “A” jaýy.

Habarlaşmak üçin:
(800322) 9-39-52